# Ýagtylykdan gorkýanlar!..

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýagtylykdan gorkýanlar!.. ÝAGTYLYKDAN GORKÝANLAR!..

Egeý uniwersitetiniň hormatlanýan alymy we meniň okyjym professor Lewent Kyrylmaz öňňin gazetde “Bir şem başga bir şemi ýakany bilen yşygyndan hiç zat ýitirmeýär” ady bilen çap edilen makalamdan täsirlenip, meniňem goşmaça pikirlerim bilen baýlaşdyran aşakdaky ýazgylary ugradypdyr.
Ölüm pillesiniň golaýlandygyny aňan bir adam üç ogluny ýanyna çagyryp, şeýle diýenmiş:

– Üçüňizi-de gowy görýärin, emma iň tiz wagtda möhüm karara gelmeli boljak. Meniň ýoklugymda şereketleri kim dolandyryp biljek?
Hiç hili ýagdaýda biri-biriňizi ynjytmagyňyzy islämok. Şonuň üçin sizi synasam gowy boljak. Üçüňize-de heriňize aýry on dollar berjek.
Berlen pullara şeýle bir zat satyn alyň welin, otagym boýdan-başa alan zadyňyzdan dolsun!
Indi bolsa gidiň we bu otagy doldurmak üçin näme aljakdygyňyzy oýlanyň!..

Doganlar agşam öýe dolananlarynda ýaňky ýaşuly olardan on dollara näme alandyklaryny sorapdyr.
Birinjisi berlen pula iki ganar saman alandygyny aýdyp, daşary çykypdyr we ganarlary içerik salypdyr. Onsoň ol ganarlaryň agzyny çöşüp, samanlary asmana sowrup başlapdyr. Otagyň bar ýeri samandan dolupdyr. Emma az salymdan ýaňky sowrulan samanlar ýatyşypdyr we otag kakasynyň isleýşi ýaly dolmandyr!..
Ikinjisi bir çuwal per alandygyny aýdyp, perleri asmana sowurmaga başlapdyr.
Otagyň bar ýeri perden dolupdyr. Emma az salymyň içinem olam edol saman ýaly bir ýere üýşüp duruberýär.

Şeýlelikde, perlerem otagy dolduryp bilmändir!..
Üçünji ogly on dollary näme edendigini soran kakasyna:

– Senden alan pulumy bir dükanda uşatdym. Bäş dollaryny bir haýyr-sahawat fondunyň hasabyna geçirdim. Dört dollara iki garybyň garnyny doýurdym. Galan bir dollara-da iki zat aldym: bir otluçöp we bir şem – diýipdir.

Soňra ol ýerinden turup, elindäki otluçöp bilen şemi ýakypdyr.
Otagy bir demde ýagtylyk doldurypdyr!..
Oglunyň bu eden işinden göwnühoş bolan kakasy synagdan geçendigini, ähli işleriň ygtyýaryny tiz wagtyň içinde oňa berjekdigini aýdandan soň şeýle diýipdir:

– Ýaşaýşa degişli iň möhüm zady – şöhle saçmagy öwrenipsiň, men şoňa begenýän!..

Ýatdan çykarmaň, hormatly okyjylar:
Aň horjunymyza oklaýan her täze maglumatymyz içimizdäki şöhläni öňküden biraz güýçlendirýändir.
Garaňky otagda şemiň şöhlesi nähili gymmatly çeşme emele getirýän bolsa, şöhle saçýan beýinem başga adamlary ýagtylandyryp, edil şemiň wezipesini ýerine ýetirýär diýen ýaly.
Meşhur ýazyjy amerikan zenan ýazyjysy Edit Uorten şeýle diýýär:

*“Şöhläni ýaýmagyň iki ýoly bar:*
*Ýa özüňiz şöhle bolmaly…*
*Ýa-da ony görkezýän aýna…”*

Ýagtylanmaga ýapyk garaňky beýinleriň, taryhyň dürli döwürlerinde şöhle saçýanlardan ynjalyksyzlanmalarynyň, hatda gorkmalarynyň sebäbi-de şudur!..

Ugur DÜNDAR.

«Sözcü» gazeti, 19.06.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,